# Zat gymmatlajakmyş / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Zat gymmatlajakmyş / satiriki hekaýa ZAT GYMMATLAJAKMYŞ

Öýümize myhman geldi. Ol gürrüň arasynda:
– Gandyňyz barmy? – diýip sorady.
– Öz-ä bolmaly. Dek düýn bir kilo alypdyk.
Myhman ýylgyrdy.
– Päheý-de weli, bir kilo bilen gantly bolýaňyzmy? Derrew birküç halta alyň-da, beýläňize basyň. Ýogsa, bu golaýda ganda gözüňiz düşmez…
Birküç kilo däl, birküç halta!.. Eý-ho!
Tanyşlarymyň biri gelip:
– Nepýag satyn aldyňyzmy? – diýdi.
– Birnemejik bar.
– Tizara dükanda nepýag bolmaz. Şonuň üçinem on-ýigrimi tüňňüri dolduryp goýuň…
On-ýigrimi litr däl, on-ýigrimi tüňňür.. Bäý-bä!
Ýoldaşym gelip:
– Çaýyňyz barmy! – diýip sorady.
– Bar. Ýap-ýaňyja bir gap aldyk.
– Siziň zatdan habaryňyz ýok öýdýän? Eglenmäň-de kyrk-elli gap çaý alyň. Bir hepdeden soň, siz ony gündiz çyraly gözleseňizem tapmarsyňyz.
Dostum maslahata geldi:
– Bilýäňzmi? Noýba gymmatlajakmyş. Derrew bäş-on ganar satyn alyň.
Bäş-on kilo däl, bäş-on ganar!.. Püw-w!
Bir gün goňşym gelip:
– Sabynyňyz barmy? – diýip sorady.
– Birküç böleg-ä bolmaly.
– Uly iliň ýüki sabyn weli, bularyň arkaýyndygyny…
Goňşularymyň biri:

– Hiç ýerde gürrüñ etmäñ weli, zeýtun ýagynyñ bahasy galjakmyş. Soñuna galaýmankañyz, gaplaryñyzy dolduryp goýaweriñ – diýip duýdurdy.
Dost-ýaryñ, tanyş-bilşiñ gepine gulak assañ, öýüñi azyk ammaryna öwrüp, özüñ myhmanhana göçüp ötägitmeli.
Asyl «haltalap daşañ», «çelekläp çekiñ», «beýläñize basyñdan» başga gürrüñ edenoklar.
Hudaýa şükür, arta-süýşe pulumyz bolmansoñ, biz-ä öñküje günümiz bilen mydar edip ýörüs. Zeýtun ýagyny litrläp, sabyny bölekläp, çaýy gadaklap, gandy kilogramlap alanymyz bilen oñýarys. Ýöne ol-bu gelip:
– Gandyñyz barmy? – diýip sorasa:
– Hawa-la, krowadymyzyñ aşagy gantdan doludyr – diýip jogap berýäris.
– Nepýagyñyz barmy? – diýseler:
– Ýüz tüññür dagy doldurdyk – diýip, agyzlaryna goýýarys.
– Çaýyñyz?
– Dolup ýatyr. Bäş ýüz gap alyp, beýlämize basandyrys.
Illee nyrhlaryñ gymmatlajakdygyny eşidip, azykdan ýüküni tutýarlar. Maşyn üstüne maşyn alýarlar. Hüjre-hüjre jaý gurýarlar.
Hiç zady artykmaç almaga ýagdaýym bolmasa-da, gymmatlaşyk hakynda eşidelim bäri, menem ýöne oturamok. Bütin günümi awtobusda geçirýän. Asyl Erenköýdäki öýümiz bilen Kadyköýüñ aralygynda gatnaýan awtobusdan düşemogam. Düýnem awtobus awtoparka gidýänçä, şonuñ üstünde boldum.
Konduktor maña:
– Bagyşlañ, biz eýýäm sekiz gezek öwrüm etdik. Siz şonda-da otyrsyñyz. Nirä barmakçydyñyz? – diýdi.
– Men günüñ ahyryna çenli awtobusdan düşmekçi däl.
– O näme üçin?
– Hiç ýerde diliñizden sypdyraýmañ, tizara awtobuslaryñ kireýi gymmatlajakmyş… Arzanjykka münüp keýpden çykaýyn diýýän.

Eziz NESIN,
türk ýazyjysy.

Rusçadan terjime eden: Atamyrat ORAZLYÝEW. Satiriki hekaýalar